# Gaýrat et, ýürek

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Gaýrat et, ýürek GAÝRAT ET, ÝÜREK



Suwsuz galan balyk kimin çyrpynyp,
Janhowluňa herýan-herýan bökýärsiň.
Käte basyrynyp, käte serpinip,
Eý, ýürek, nämeden ejir çekýärsiň.
Kapasa salynan bilbile meňzäp,
Erkana durmuşa delmurup bakýaň.
Kä näumyt bolup, käte-de dyňzap,
Şeýde-şeýde zordan daňdana çykýaň.

Ýa-da iliň göwni diýip, eý ýürek,
Sen öz saglygyňy gurban etdiňmi?
Ýa-da öz aladaň etmäge derek,
Il derdin özüňe ýakyn tutduňmy?

Azar berme ýürek, gaýrat et biraz,

Bilýärin, sen hiç ynjalyk tapaňok.
Agyrsaň-da, agram çekseň-de, garaz,
Sen ýakynyň-ýadyň göwnün ýykaňok.

Ýürek, men derdiňi çekmäge kaýyl,
Urup dursaň bolýar yzyny üzmän.
Käte gözellere bolýarsyň maýyl,
Ynjalyp bileňok waspyny ýazman.

Ýazyber waspyny şol gözelleriň,
Şol gözelliklerde seniň dermanyň.
Mähir duýsaň, waspyn etse dilleriň,
Ýeri, şahyr, özge barmy armanyň.

Azat NURGELDIÝEW. Goşgular